***Her ýylyň sentýabr aýynda ýurdumyzda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» ady bilen biraýlyk geçirilýär. Bu döwürde ýol hereketiniň düzgünlerine we kadalaryna, ýollarymyzyň asudalygyna bagyşlanan çäreler, wagyz-nesihat, okuw-terbiýeçilik işleri has-da işjeň ýagdaýda alnyp barylýar.***




Mekdebe çenli çagalar edaralarynda hem körpe nesillere ýol hereketiniň düzgünlerini düşündirmek, ündemek we terbiýelemek babatda pedagogik usullara laýyklykda okuw-terbiýeçilik işleri alnyp barylýar. Bu babatda öňdebaryjy iş tejribelerine esaslanyp, şeýle hem gün pursatlarynda we sapaklarda ýol hereketi bilen bagly düşünjeleri bermek, ýol kadalaryna syn etmek, gyzyklanma çäreleri guramak, oýun usullaryndan peýdalanmak biziň çagalar bakja-bagymyzda hem üns merkezinde saklanýar. Çagalara bu babatda düşünjeleri bermek maksady bilen dürli görnüşli esbaplardan, oýun burçlaryndan we sanly görkezme serişdelerden peýdalanyp, terbiýeçilik ugurly çärelerimiziň mazmunlylygyny gazanmaga

Все права защищены

çalyşýarys.



Çagalar bakja-bagymyzyň müdiri Aýnagözel Jumaýewanyň ýolbaşçylygynda degişli iş meýilnamasy esasynda hem degişli bäsleşiklere taýýarlyk görüp, körpelerimiziň bilim-başarnyklaryny ýüze çykarýarys. Ýeri gelende bellesek, biziň II uly (mekdebe taýýarlaýyş) toparymyzda Bibihatyja Çaryýarowa, Humaý Amandurdyýewa, Hanaly Kakamyradow, Gunça Çaryýewa, Allanur Atamyradow ýaly körpeler geçirilýän säherliklerde, bäsleşiklerde has netijeli çykyş edip, kiçilikden öz başarjaňlygyny, zehinlerini görkezýärler. Häzirki wagtda bolsa biz öz toparymyzda alyp barýan işlerimiz, sahnalaşdyrylan çykyşlarymyz bilen çagalar bakja-baglarynyň arasynda geçirilýän «Ýaşyl yşyk» atly ýol hereketiniň düzgünleri boýunça geçirilýän bäsleşige taýýarlanýarys.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň abadançylygyny, ýollarymyzyň asudalygyny has-da rowaçlandyrýan, nesilleriň röwşen geljegi ugrunda ähli mümkinçilikleri

Все права защищены

we şertleri döredip berýän Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlarymyzy aýdýarys!

**Maýagözel NURLYÝEWA,**
**Türkmengala etrabynyň 9-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi, KA-nyň işjeň agzasy.**

Все права защищены